# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ KARARY

## 209 Türkmenistanda gurulýan we durky täzelenýän möhüm hem-de aýratyn möhüm binalaryň we desgalaryň meseleleri hakynda

Ýurdumyzda gurulýan we durky täzelenýän binalaryň hem-de desgalaryň binagärlik-şähergurluşyk keşbini has-da gözelleşdirmek, möhüm we aýratyn möhüm gurluşyk işleriniň bahalaryny kesgitlemegi kämilleşdirmek hem-de gurluşyk işlerine gatnaşýanlaryň jogapkärçiligini mundan beýläk-de ýokarlandyrmak maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Türkmenistanda gurulýan we durky täzelenýän möhüm hem-de aýratyn möhüm binalaryň we desgalaryň taslamalarynyň bahalaryny kesgitlemek üçin pudagara toparyny (mundan beýläk – Topar) döretmeli we onuň düzümini tassyklamaly (goşulýar).

2. Türkmenistanda gurulýan we durky täzelenýän binalaryň hem-de desgalaryň taslamalaryny olaryň binagärlik-şähergurluşyk, binagärlik-ýerleşdiriş çözgütleri, şeýle hem ýanaşyk ýerleri abadanlaşdyrmagyň meýilnamasy Türkmenistanyň Gurluşyk ministrligi hem-de degişli welaýatyň ýa-da Aşgabat şäheriniň häkimlikleri tarapyndan makullanandan soň amala aşyrmaly.

3. Türkmenistanyň Prezidentiniň möhüm we aýratyn möhüm binalaryň hem-de desgalaryň gurluşygy baradaky namalary diňe Toparyň oňyn netijenamasy bolan halatynda taýýarlanmaga degişlidir.

4. Türkmenistanyň Gurluşyk ministrligi:

Türkmenistana gurluşyk we timarlaýyş serişdeleriniň ähli görnüşlerini getirmek baradaky şertnamalary baglaşmagyň maksadalaýyklygyny tehniki, hil we estetiki aýratynlyklaryny, şeýle hem bahasyny nazara alyp kesgitlemeli

5. Türkmenistanyň ministrlikleri we pudak edaralary, şeýle hem daşary ýurt kompaniýalary ýurdumyzda binalary we desgalary gurmak hem-de olaryň durkuny täzelemek işlerini amala aşyranda ýerli gurluşyk serişdelerini, gurnamalary we önümleri diňe Türkmenistanyň Gurluşyk ministrliginiň oňyn netijenamasy esasynda ulanmaly.

6. Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasy ýurdumyza gurluşyk we timarlaýyş serişdeleriniň ähli görnüşlerini getirmek baradaky şertnamalary diňe Türkmenistanyň Gurluşyk ministrliginiň oňyn netijenamasy bolanda hasaba almaly.

7. Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi ýurdumyza gurluşyk we timarlaýyş serişdeleriniň ähli görnüşlerini getirmek baradaky şertnamalary we gurluşyk şertnamalaryny diňe Türkmenistanyň Gurluşyk ministrliginiň oňyn netijenamasy bolanda hasaba almaly.

8. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Şähergurluşyk işine gatnaşýanlaryň jogapkärçiligini güýçlendirmek hakynda» 2001-nji ýylyň 30-njy martynda çykaran

5156-njy kararyny (Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň 2001-nji ýyldaky 3-nji ýygyndysynyň 210-njy maddasy) güýjüni ýitiren hasap etmeli.

9. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarlary D. Orazow, T. Japarow, H. Muhammedow, Aşgabat şäheriniň häkimi A. Bilişow hem-de Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy O. Gurbannazarow gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

***Aşgabat ş., 2009 ý. aprel aýynyň 13-i.***
***№ 10347***

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2009-njy ýylyň 13-nji aprelinde
çykaran 10347 belgili karary bilen
tassyklandy

# Türkmenistanda gurulýan we durky täzelenýän möhüm hem-de aýratyn möhüm binalaryň we desgalaryň taslamalarynyň bahalaryny kesgitlemek üçin pudagara toparynyň

# DÜZÜMI

Türkmenistanyň Gurluşyk ministri (Toparyň başlygy)
Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministri
Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministri
Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň başlygy
Degişli welaýatyň ýa-da Aşgabat şäheriniň häkimi
Desganyň gurluşygynda buýrujy bolup çykyş edýän ministrligiň ýa-da pudak edarasynyň ýolbaşçysy
Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy